# Gazallar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gazallar Babarahym Meşrep

(1640 – 1711)

Jilwe eýlâp şohlugyñdan janym alan senmi sen,
Ýa meniñ ruhy rowanym, jism içre jan Senmi sen!?

Bu başym aýlandyrar, yşkyñ şemaly her tarap,
Gülşeni yşgyñda kylgan bady lerzan Senmi sen!?

İçmeýen waslyñ şerabyn, degdi betnamlyk oky,
Hasratyñda eýlegen ýer-le ýegsan Senmi sen!?

Husnuña zynat istäp, tapmadym dürri göwher,
Magdany görden çykşaran dürri merjen Senmi sen!?

Şem dek il bezmini röwşen kylyp husnuñ bilen,
Janym örtärge pyrakyñ, nary suzan Senmi sen!?

Mehneti derdimni sorman, gunça dek agzyñ açyp,
İle eşret .agy içre güli handan Senmi sen!?

Her köñül awlagy çün, zülpüñ kemendin oýnadyp,
Sihr edip akly huşum kylgan perişan Senmi sen!?

Bir zaman eýlâp gazap, Meşrebge tartyp tygy tiz,
Bu tenim sap sap edip, itlerge salgan Senmi sen!?

Golýazmadan göçüren Aşyr Salyh ogly. Goşgular